Adamyň we onuň özgerdýän tebigatynyň arabaglanyşyk usullary, esasan, 3 sany tehnologiyaýörelgäniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Birinji tehnologiyaýörelge zatlaryň, energiýanyň we maglumatyň akymlaryny toplamak bilen bagly bolýar. Adam özleşdirýän ýerinde tapan tebigy zatlary bilen çäklenmän, tebigatda ýaýran baýlyklary hem bir ýere toplamaklyga çalyşýar. Bu tehnologiyaýörelgäniň manysy materiýanyň ösmekliginiň ählumumy kanunçylygyny ulanmak esasynda açylýar. Adamyň ulanýan zatlarynyň, energiýasynyň we maglumatlarynyň toplanyşy örän tiz ösýär. Şonda olaryň iň kuwwatly “energiýa görnüşi” hökmünde bilim çykyş edýär.

“Ikinji tebigaty” döretmeklik bilen adam ýeke bir tebigatdaky zatlara mätäç bolman, tebigy zatlaryň häsiýetlerine we hiline zerurlyk duýýar.

Tehnologiyanyň ikinji ýörelgesi zatlaryň, energiýanyň, maglumatyň dykyzlanmagy tebigy hadysalaryň tizleşmegine we güýjemegine getirýänligindedir. Adamyň soňky 100 ýylda döreden himiki birleşmeleri tebigatyň milliardlarça ýyllaryň dowamynda döreden birleşmeleriniň sanyndan has kändir.

Häzirki döwürde adamzat has çalt işleýän tehnikany we tehnologiyay (lazer şöhlesini, genleýin iženeriýany ulanmak bilen) döretmeklige girişdi. Şonuň bilen bir hatarda tehnikanyň we tehnologiyanyň çaltlaşmagy bilen baglylykda ýüze çykan zatlary ulanmaklyga hem mümkinçilikler döreýär.

Tehnologiyaişleri çaltlaşdyrmakda adam bütin adamzadyň taryhynda toplanan akyl-paýhasa, hünärmenlige daýanýar. Adam tebigy zatlary we kanunlary ulanyp, tebigatda ýok zatlary döretmeklik bilen özgerişleriçaltlaşdyrýar, wagty we giňişligi dykyzlandyrýar.

**Allaberen REJEPOW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены